# «Hakynatutma gulluk» sektory

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Hakynatutma gulluk" sektory «HAKYNATUTMA GULLUK» SEKTORY




Türkiýede «ýörite gorag we howpsuzlyk kompaniýasy» soňky döwürde jedelli gürrüňleriň birine öwrüldi. Içki syýasy jedellere girmek islämok, emma biziň ýurdumyzyňam berk gözegçilik astynda, düzgün-tertipli, milli bähbitler üçin peýdalanyp boljak, wagtal-wagtal araçäkden aňyrda-da ulanylan ýagdaýynda Türkiýä mesele döretmejek «kölege güýçlerini» döretmek üçin dünýä trendine üns berse peýdaly bolar.

- **Taryhyň özi ýaly gadymy**

Karfagen Rime garşy eden uly urşunda birkemsiz goşunyna goşmaça «hakynatutma grek urşujylaryny-da» goşupdy.
Hettlere garşy uruşda Müsüriň faraony Ramzes II Demirgazyk Afrika patyşalygy Numidýadan hakynatutma urşujylary kireýne tutupdy.




*«Wagneriñ» esaslandyryjysy Utkin we soñ onuñ başlygy bolan Prigožin*

«Taryhyñ ironiýasy» diýjekmi… 3 müñ 500 ýyldan soñ häzirki Numidýa patyşalygynyñ ýerleşen ýerindäki Liwiýa «Wagner» ýaly dürli harby kompaniýalaryñ hakynatutma esgerleriniñ söweşip ýörendigini görýäris.

XX asyryñ galaba döwrüniñ içinde hakynatutma esgerleriñ salnan «Pandora gutusynyñ» gapagy ýapyk durdy…




*«Wagnerçi» urşujy*

- **Nusur gandöküşligi**

2007-nji ýyl…

Yrakdaky Nusur meýdany gana çaýkaldy.

Dört amerikan esgeri awtomatiki ýaraglar bilen 17 sany yrakly

raýaty öldürdi.
Garaşylmadyk tolgunşyk turdy.
Açylan derñew işiniñ netijesinde berlen beýanata görä, «hadysanyñ sebäpkäri bolan dört esger ABŞ-nyñ resmi esgerleri däl-de; ABŞ-nyñ «Blackwater» harby-howpsuzlyk kompaniýasynyñ urşujylarydy».
Şeýdibem, hemmämiz «Blackwater» bilen tanyşdyk.




*«Blakwaterçiler» 2004-nji ýylyñ mart aýynda Yragyñ Ramadi şäherine baranda amerikan diplomaty Paul Bremere ýoldaşlyk edýär*

Biraz añyrsyny dörjäp ugradyk welin, bu kompaniýanyñ hakynatutma harbylary bilen Bagdatdaky ähli diplomatiki missiýalaryñ ýerleşen «ýaşyl zolagyñ» goralýandygyny bildik.
Telpek goýduk.
Aýtsañ aýdyp oturmaly.
Bu dört hakynatutma esgere amerikan harby tribunaly «otuz ýyl türme» jezasyny berdi. Soñra jezalary tapgyrlaýyn kemeldildi.
2020-nji ýylda şol wagtyñ prezidenti Donald Tramp kararnama çap edip, ikisiniñem günäsini geçdi.
Bu günä geçişlik indi «Blackwater»-iñ amerikan döwletine «kölege goşun» hyzmatyny edýändigininñ jedelleşmesiz subutnamasydy.
«Blackwater» 1997-nji ýylda otstawkadaky deñizçi ofiser Erik Din Prins tarapyndan Demirgazyk Karolinada guruldy.




*«Blacwater»-iñ düýbüni tutujylar Alfred Klark we Erik Prins*

## • Uruşlary hususylaşdyrmak

«Blackwater» häzir dünýäniñ iñ uly harby kompaniýasy. Onuñ birnäçe web saýtlary we sahypalary bar…

Ençeme ýyl bäri saýtlarynda «hakynatutma esger gerekdigi» hakdaky bildirişleri bilen urşujy toplaýar, tälim berýär. Kompaniýa dünýäniñ birnäçe ýurdunda başly-barat we gümürtik hyzmatlary ýerine ýetirip gelýär. Onuñ belli bir ideologiýasy-da, watansöýüjilik duýgusy ýa-da baýdakdyr millet söýgüsi-de ýok, olar diñe ugradylan ýurdunda pul üçin uruşýarlar.

«Blackwater» Nýu-Ýork bazarynda aksiýalary alnyp-satylýan läheñ kompaniýa. Ýagny, «hakynatutma pyýadalykdan» bireýýäm çykdy.

Yrak we Owgan urşunda ABŞ-nyñ «şertnamaly nyzamly güýçleri» gezegi bilen 50-70%-e barabardy.
«Wagnerçiler» ýaly köp sanly hakynatutma harby kompaniýalar işleýärdi. Şeýle kompaniýalaryñ sany 54-e ýetýär.
Käbir awtorlaryñ pikirine görä olar indi «uruşlaryñ zamanabap ýüzi»… Elbetde, talabalaýyk we hasap berijilikli ýagdaýda gurnalsa, ugradylan ýerine durnuklylyk hem getirip biler. Hatda…
BMG-nyñ güýçleri hökmünde-de ulanylyp bilner. Olary indi «uruş postawşikleri” diýibem atlandyrýarlar.




- **Russiýanyñ «Wagneri»**

Şol geçen döwrüñ dowamynda Russiýanyñ «Wagneri»-de orta çykdy.
Kompaniýa rus gizlin gullugynda işlän Utkin tarapyndan guruldy.
“Wagner” onuñ gizlin gullukdaky şertli adydy. Putiniñ ýakyn adamy Prigožin ara girdi we onuñ başlygy boldy.
«Wagner» Ukraina bilen bir hatarda azyndan sekiz ýurtda söweşjeñ tabşyryklary ýerine ýetirýär.
Ilki-ilkiler ol urşujylaryny oba ýerlerde ýaşaýan uruş weteranlaryndan alýardy. Soñabaka halkara möçberinde adam gorlaryny tapdy.
Iñ soñky sany 35-50 müñ möçberinde diýip hasaplanan kompaniýanyñ urşujylary gowy aýlyk, alty aýdan soñ günäsini geçmek, ölse – maşgalasyna öweztölegini bermek şerti bilen türmelerden toplandy.
Bular aýdanyñy etdirmesi kyn, terbiýelemesi mümkin däl, dañydan boşan ýaly kakabaş ýygynçak. Muña garamazdan…

Ýörite harby kompaniýalar öz öňlerinde geljegi nazarlaýan sofistik maksatlar hem goýýar. Olar guryýer, howa, deňiz, kosmos, emeli hemra ýaly bäş söweşjeň ugurda ösen tehnologiýalary ele alýarlar we maýa goýumlaryny goýýarlar.
Geljekde olaryň ýaragly emeli hemralary ulanma maksatnamalaryda bar.




*Saud Arabystany patyşalygyny goraýan «Vinnel» kompaniýasy*

## • «Vinnel»-çi harbylar

Ýene bir üçünji läheňiň ady eşdilýär. Ady – «Vinnell»…
Saud Arabystany patyşalygyna hyzmat edýär. Düýbi ABŞ bilen ilteşikli, emma daşyndan göräýmäge araplaryň öz kompaniýasy ýaly hereket edýär.
Trampyň Saud Arabystana resmi saparynda «Patyşa, seni biz goraýarys. Biz bolmasak, seni şumatky oturan kürsiňden iki hepdä ýetirmän uçurýarlar» diýen sözüniň aňyrsynda şu «Vinnel» bar.
Saud Arabystany bu kompaniýany diňe gorag işlerinde däl, araçäkden aňyrda-da ulanýar. Ýemende, Müsürde, Liwiýada…

* * *

Diňe döwletler däl, halkara megakompaniýalaram bu hakynatutma harby kompaniýalaryň hyzmatyndan peýdalanýar.
Nebit-gaz känlerinde, gymmatly magdan çykarylýan ýerlerde, logistikada, transportda, ýük daşaýyşda, hatda kontrrazwedka

üçinem köp ugurlarda şeýle kompaniýalara mätäçlik duýulýar. Ýagny diñe uruşlarda däl, «kontrrazwedka, emeli hemra goldawy, logistika, tälim beriş we hereket meýilnamalaşdyryş» giñ spektrumda bular ýaly kompaniýalar özbaşyna tor döreden ýagdaýda.

* * *

Netije…
Başda-da aýdyşym ýaly, içki syýasy jedellere girmek islämok, emma biziñ ýurdumyzyñam berk gözegçilik astynda, düzgün-tertipli, milli bähbitler üçin peýdalanyp boljak, wagtal-wagtal araçäkden añyrda-da ulanylan ýagdaýynda Türkiýä mesele döretmejek «kölege güýçlerini» döretmek üçin dünýä trendine üns bermek peýdaly bolsa gerek.

* * *

Bu ýazgyda Ýusuf Alabardanyñ «Ýörite harby şereketler» makalasyndan,»Independent» habarlar gullugyndan Sean Makfeýtiñ «Hakynatutma esgerler we uruş. Häziriñ ýörite goşunlaryna düşünmek» makalasyndan, «BBC» habarlar gullugyndan Muhammet Arabiniñ maglumatlaryndan peýdalandym.

Güneri JYWAOGLY.
ngunericivaoglu@gmail.com

«MILLIYET» gazeti, 17.01.2023 ý. Publisistika